# Sen meni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sen meni SEN MENI

Ilik-düwme öwrenipsiň sen meni,
Haçan söýmeli däl-haçan söýmeli,
Ýöne welin bir bilmeýän zadyň bar,
Näme diýmeli däl näme diýmeli.

Ilik-düwme öwrenipsiň sen meni,
Onki süňňüm bölüp onki bölege,
Köp zatlary saklap bilýän ýüregmi,
Meňzedipsiň deşik-deşik elege.

Ilik-düwme öwrenipsiň sen meni,
Göwnüm tapyp bilýäň küýsär wagtyňda,
Erkim-ygtyýarym eliňde galdy,
Yzyňa düşüp ýör meniň bagtymda.

Allanazar REJEBOW. Goşgular